Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№15 (164) 2026-njy ýylyň 31-nji maýy

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY



**22-nji maýda** paýtagtymyzda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi geçirildi.

***

**22-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Mejlisiň dowamynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen täze Kararnama barada hasabat berdi. Şu ýylyň 20-nji maýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 82-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen hödürlenen «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş işini goldamakda hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimizi bu halkara ähmiýetli waka bilen tüýs ýürekden gutlap, berk jan-saglyk, uzak ömür, alyp barýan işlerinde mundan beýläk-de uly üstünlikleri arzuw etdi.

***

**23-nji maýda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpine ýurduň Şansi welaýatynda ýerleşýän kömür şahtasynda bolup geçen gaz partlamasynyň köp sanly adam pidalaryna hem-de şikes ýetmelere getirendigi zerarly gynanç hatyny iberdi.

***

**23-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpine ýurduň Şansi welaýatynda ýerleşýän kömür şahtasynda bolup geçen gaz partlamasynyň köp sanly adam pidalaryna hem-de şikes ýetmelere getirendigi zerarly gynanç hatyny iberdi.

***

**25-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Iordaniýa Haşimit Patyşalygynyň Patyşasy Abdulla II bin Al Husseýne we ýurduň ähli halkyna Iordaniýa Haşimit Patyşalygynyň Garaşsyzlyk gününiň 80 ýyllygy mynasybetli mähirli gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**25-nji maýda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow gurluşyk ulgamynda ýurdumyz bilen köp ýyllaryň dowamynda hyzmatdaşlyk edýän «Çalyk Holding» kompaniýalar toparynyň dolandyryjylar geňeşiniň başlygy Ahmet Çalygy kabul etdi. Duşuşygyň dowamynda Diýarymyzda möhüm ähmiýetli gurluşyk taslamalarynyň durmuşa geçirilişi baradaky meselelere garaldy.

***

**25-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gruziýanyň Prezidenti Mihail Kawelaşwilä hem-de Premýer-ministri Irakliý Kobahidzä Gruziýanyň milli baýramy — Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**25-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

***

**26-njy maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Ali Zardarä hem-de Premýer-ministri Mian Muhammad Şahbaz Şarife ýurduň Belujistan welaýatynda bolup geçen, köp sanly adam pidalaryna we şikes ýetmelere getiren terrorçylyk hereketi zerarly gynanç hatyny iberdi.

***

**27-nji maýda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Gypjakdaky Türkmenbaşynyň ruhy metjidinde Gurban baýramynyň başlanýandygyny alamatlandyrýan baýram namazyny okady we Arkadag şäherindäki täze metjidiň gurluşyk işleri bilen tanşyp, bu şäherde gurbanlyk sadakasyny berdi.

***

**28-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewe hem-de ýurduň doganlyk halkyna Azerbaýjanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## TÄZELIKLER
## НОВОСТИ
## NEWS



### IMPACTFUL MEETING WAS HELD

On May 20, 2026, a meeting was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan between Gulshat Yusupova, Rector of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, and Jassim Mohammed Al-Attar, Chargé d'Affaires of the Embassy of the Republic of Iraq in Turkmenistan.

During the meeting, the parties discussed organizing specialized Arabic language classes, expanding international experience, and identifying the main directions of bilateral cooperation. They also exchanged views on promising areas for the future development of bilateral relations.

As part of the visit, a joint tour of the institute was organized for the honored guest. The diplomat visited the Museum "History of Turkmen Diplomacy" and the UNESCO Club "Culture of Peace" both operating within the institute, where the distiguished guest was presented the valuable information and exhibits there. This meeting and tour left a highly favorable impression on the honored guest.

### КОНФЕРЕНЦИЯ, ПОСВЯЩЁННАЯ РЕЗОЛЮЦИИ ГЕНЕРАЛЬНОЙ АССАМБЛЕИ ООН

23 мая 2026 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась конференция, посвящённая принятию Генеральной Ассамблеей ООН Резолюции «Роль и значимость политики нейтралитета в деле поддержания и укрепления международного мира, безопасности и процесса устойчивого развития».

В мероприятии приняли участие руководители и сотрудники Министерства иностранных дел Туркменистана, главы и представители дипломатических миссий и представительств международных организаций, аккредитованных в Туркменистане, профессорско-преподавательский состав и студенты Института международных отношений МИД Туркменистана.

На конференции выступили Заместитель Председателя Кабинета Министров Туркменистана, Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов, Герой Туркменистана, Заведующая кафедрой мира и нейтралитета ИМО МИД Туркменистана Аксолтан Атаева, Герой Туркменистана, Ответственный секретарь Национальной комиссии Туркменистана по делам ЮНЕСКО Чынар Рустемова,



Постоянный представитель ПРООН в Туркменистане Нарине Саакян, Чрезвычайный и Полномочный Посол Китайской Народной Республики в Туркменистане Цзи Шуминь, Чрезвычайный и Полномочный Посол США в Туркменистане Элизабет Руд, а также Советник по правам человека Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии Армандс Пуполс.

**«Голос молодого дипломата».**

# TÜRKMENISTAN — GDA: ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE MENZILLERI

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda: «Bitaraplyk biziň doktrinamyzdyr, ol tutuş dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmaga, halklaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge çagyrýar, ynsanperwer ýörelgeleri dabaralandyrýar» diýip jaýdar belleýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz hemişelik Bitaraplyk syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirmek bilen dünýäniň köpsanly döwletleri, şol sanda halkara guramalary bilen özara bähbitli, deňhukukly gatnaşyklary barha berkidýär. Şeýle guramalaryň hatarynda döwletimiz Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy bilen hem syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy ilerledýär. Şu nukdaýnazardan, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 22-nji maýynda paýtagtymyz Aşgabat şäherinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisiniň geçirilmegi möhüm ähmiýetli wakadyr.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy dünýäde iň täsirli sebitleýin guramalaryň biridir. Hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesinden gelip çykýan halkara borçlary bilen baglylykda, Türkmenistan GDA assosirlenen agza hökmünde gatnaşýar. Ýurdumyzyň bu başlangyjy GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň 2005-nji ýylda Kazanda bolan maslahatynda doly makullandy we goldanyldy. Türkmenistan assosirlenen agza hökmünde GDA-nyň çäklerinde açyk we deňhukukly dialoga ygrarlydyr. 2025-nji ýylyň 6-njy awgustynda Milletler Bileleşiginde «Birleşen Milletler Guramasy bilen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň arasynda hyzmatdaşlyk» atly Kararnamanyň kabul edilmegi bolsa bu ugurda täze mümkinçilikleri açýar.

Arkalaşyga girýän döwletler geografik taýdan iň ýakyn goňşularymyz, hoşniýetli dostlarymyz, syýasatda bolsa ygtybarly hyzmatdaşlarymyzdyr. Hut şonuň üçin GDA-nyň giňişligindäki hyzmatdaşlyk birek-biregi hormatlamak, özara bähbitlilik ýörelgelerine daýanýar. Şunda GDA-nyň 2030-njy ýyla çenli ykdysady ösüş Strategiýasy esasy ugur görkeziji bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyz 2012-nji we 2019-njy ýyllarda hem GDA-da başlyklyk edip, bu wezipäni abraý bilen ýerine ýetiripdi.





Geçen ýylyň 10-njy oktýabrynda Täjigistanyň paýtagty Duşenbe şäherinde geçirilen GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisiniň çözgüdine laýyklykda, şu ýyl hem Türkmenistan bu guramada üçünji gezek başlyklyk edýär. Degişli meýilnamalar esasynda, ýylyň başyndan bäri dürli geňeşleriň, komissiýalaryň mejlisleriniň we beýleki duşuşyklaryň geçirilmegi ýurdumyzyň Arkalaşykda başlyklyk wezipesini ýokary derejede ýerine ýetirýändiginiň güwäsidir. Hususan-da, ýakynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza ýurtlaryň demir ýol ulagy boýunça Geňeşiniň 84-nji halkara mejlisi üstünlikli geçirildi. Şeýle hem 7-nji oktýabrda GDA-nyň Parlamentara Assambleýasynyň «Saglygy goraýyş hyzmatlaryna ählumumy elýeterliligi üpjün etmek we Durnukly ösüş maksatlary» atly maslahatynyň, 9-njy oktýabrda GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň geçirilmegi meýilleşdirilýär.

Ýurdumyzyň GDA-da 2026-njy ýyldaky başlyklyk etmeginiň Konsepsiýasyna laýyklykda, paýtagtymyzyň gözel künjekleriniň birinde ýerleşýän «Garagum» myhmanhanasynda GDA-nyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi ýokary derejede we guramaçylykly geçirildi. Döwlet Baştutanymyzyň Karary esasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň Iş dolandyryş müdirligi, Daşary işler ministrligi hem-de GDA-nyň Ýerine ýetiriji komiteti bilen bilelikde guralan bu forum sebitde parahatçylygy, ynanyşmagy hem-de köpugurly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda möhüm taryhy ädim boldy.

Forumyň netijeleri Arkalaşyga agza döwletleriň diňe bir ykdysady bähbitlerde däl, eýsem, dünýä parahatçylygyny gorap saklamakda hem maksatlarynyň birdigini bütin aýdyňlygy bilen görkezdi. Munuň özi halkara giňişlikde giň polýarly häsiýete eýe bolýan täze eýýamyň diplomatiýasynyň, şeýle hem dünýäniň ykbalyna jogapkärçilikli çemeleşmegiň ajaýyp nusgasydyr. Şunda ýokary derejeli bu forum hemişelik bitaraplyk we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine ygrarly ýurdumyzyň diplomatik gepleşikler üçin ygtybarly hem-de durnukly meýdançadygyny ýene bir gezek subut etdi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# BITARAPLYK — TÜRKMEN HALKYNYŇ BUÝSANJY

Hemmämiziň bilşimiz ýaly, geçen ýyl ata Watanymyzda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolmagynyň 30 ýyllygy giňden bellenildi. Hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy türkmen halky üçin buýsanç bulagynyň gözbaşy, bagtyň serweri. Garaşsyzlyk, hemişelik Bitaraplyk türkmen halkynyň goşa ganaty.

Garaşsyz Watanymyzyň gülläp ösmeginde, onuň ykdysady kuwwatynyň pugtalanmagynda, halkara giňişlikde abraýynyň artmagynda hemişelik Bitaraplygyň ähmiýeti uludyr. Baky Bitaraplyk, munuň özi asuda ýaşaýşyň, agzybir durmuşyň, ertire bolan ynamyň kepillenmesidir, arkaýyn okamak, öwrenmek, döretmek, sag-aman uka gidip guşlaryň sesine oýanyp bilmek mümkinçiligidir. Çünki hemişelik Bitaraplyk baky abadançylykdyr. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň hem gözel paýtagtymyz Aşgabatda açylandygyny aýratyn buýsanç bilen bellemeli. Dünýäde uly gyzyklanma döredýän, Demirgazyk — Günorta ulag geçelgesini döretmek babatda amala aşyrylýan beýik işler, Türkmenistan — Özbegistan — Gazagystan — Hytaý gaz geçirijisiniň işe girizilmegi, şeýle hem Kerki — Ymamnazar — Akina demir ýolunyň ulanylmaga berilmegi halkara derejeli, umumadamzat bähbitli, döwletli işlerdir.

Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlary durmuşa geçirmegiň, halkara möçberde wajyp meseleleri ara alyp maslahatlaşmagyň we olary çözmegiň möhüm guraly hökmünde garalýar. Ak mermerli gözel paýtagtymyz häzirki wagtda dürli ugurlar boýunça ençeme halkara duşuşyklaryň geçirilýän ýeri hökmünde belent ykrara eýe boldy. Bitaraplyk syýasatyny halkara derejede amal edýän ýurdumyz bu gün sebitleriň, yklymlaryň galyberse-de, bütin dünýäniň parahatçylygyna gönükdirilen işlere-de özüniň mynasyp goşandyny goşup gelýär. Bu bolsa halkymyzyň gadymdan bäri parahatçylyk, ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan hereketleri hemişe goldap gelenligini tassyk edýär. Bilşimiz ýaly, ýurdumyzda ýylyň başyndan bäri köp sanly çäreler giň gerim alýar. Bu bolsa türkmen halkynyň Bitaraplyga ygrarlydygyny alamatlandyrmak bilen bir hatarda, parahatçylygyň, ynanyşmagyň, dost-doganlygyň, dabaralanýandygyny görkezýär.

Taryhy maglumatlara ýüzlensek, Garaşsyz Türkmenistan 1992-nji ýylyň 2-nji martynda dünýäniň ynsanperwer häsiýetli iň iri jemgyýetçilik guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzasyna öwrüldi. Şol günden bäri ýurdumyz birnäçe halkara başlangyçlary öňe sürmek bilen, Ýer ýüzünde parahatçylygyň, howpsuzlygyň binýadyny pugtalandyrmakda, syýasy-diplomatik, ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky hyzmatdaşlygyň netijeli görnüşlerini işläp taýýarlamakda halkara giňişlikdäki işjeň ornuny barha berkitdi. Bu işleriň öz-özünden bolmaýany hakykatdyr. Diýarymyzy halkara giňişliginde giňden tanatmak, Bitaraplyk syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek, Ýer ýüzünde parahatçylygy, dostlugy, hoşniýetli goňşuçylygy berkarar etmekde Milli Liderimiziň bitiren hyzmatlary uçursyzdyr. Bu dünýä ýüzüne aýan hakykat. Gahryman Arkadagymyzyň her bir döredýän eseriniň içinden parahatçylygyň eriş-argaç bolup geçmegi-de, şu hakykaty ýene bir ýola tassyklaýar.

Şeýle-de, ýakynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş işini goldamakda hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi Türkmenistanyň halkara giňişlikde uly abraýa eýedigini alamatlandyrdy. Bu kabul edilen möhüm resminama mynasybetli türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde geçirilen maslahat möhüm syýasy-jemgyýetçilik ähmiýetli waka boldy.

**Gurbangül BAZAROWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

# ÖSÜŞIŇ SYÝASY BINÝADY

Häzirki zaman dünýäsiniň syýasy kartasyna nazar salanyňda, parahatçylygyň we durnuklylygyň nähili uly gymmatlykdygyna has aýdyň göz ýetirýärsiň. Syýasy durnuklylyk diňe bir döwlet gurluşynyň durnuklylygy däl, eýsem, ol halkyň geljege bolan ynamynyň, ykdysady ösüşiň we her bir ojagyň asudalygynyň kepilidir.

Islendik döwlet ymaratynyň berkligi onuň binýadynyň berkligine baglydyr. Durnuklylyk bar ýerinde döredijilik bar, durnuklylyk bar ýerinde bolsa belent sepgitler bar. Syýasy durnuklylygyň iň uly sütünleriniň biri — halk bilen döwletiň arasyndaky kämil sazlaşykdyr. Bu sazlaşyk jemgyýetiň agzybirligini berkidýär we her bir raýatda öz ýurdunyň ykbaly üçin jogapkärçilik duýgusyny oýarýar. Bu aýdylanlara anyk mysal edip Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzyň alyp barýan içeri we daşary syýasatyny aýtmak bolar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly we iňňän öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesinde Türkmenistan bu günki gün dünýäniň üns merkezinde saklanýar.

Syýasy durnuklylygyň halkara derejesindäki iň täsirli guraly bolup milli diplomatiýamyz çykyş edýär. Gapma-garşylyklaryň däl-de, hyzmatdaşlygyň, dartgynlylygyň däl-de, dostlugyň tarapdary bolmak — bu biziň beýleki döwletler bilen alyp barýan oňyn Bitaraplyk syýasatymyzyň altyn ýörelgeleridir. Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan eziz Diýarymyz daşary syýasatda, döwletleriň özara ynamyny artdyryp, ählumumy howpsuzlygyň kemala gelmegine özüniň saldamly goşandyny goşýar. Bu bolsa diňe bir sebit däl, eýsem, bütin dünýä üçin parahatçylyk nusgasy bolup durýar. Durnukly syýasat geljegiň anyk meýilnamasydyr. Ol ylym-bilimiň ösmegine, ýaş nesilleriň kämil şahsyýetler bolup ýetişmegine giň ýol açýar. Syýasy taýdan durnukly döwletde medeniýet gül açýar, ykdysadyýet batly gadamlar bilen öňe ilerleýär. Syýasy durnuklylyk diňe bir dolandyryş ulgamy däl, eýsem, ol halkyň taryhyndan, däp-dessuryndan we milli ruhundan gözbaş alýan gymmatlykdyr. Biziň pederlerimiziň «Agzybire Taňry biýr» diýen parasatly jümlesi, durnuklylygyň we agzybirligiň islendik döwletiň ösüşiniň ruhy sütünidigini aňryýany bilen subut edýär. Milli bitewülik haçan-da syýasy akyl-paýhas bilen birleşende, döwlet sarsmaz galany ýada salýar. Hut şu nukdaýnazardan, ugur alyp Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň netijesinde mähriban halkymyz eşretli zamanamyzyň hözirini görüp ýaşaýar. Sözümizi jemläp aýtsak, syýasy durnuklylyk bu asuda asmanyň, bereketli saçagyň we bagtyýar durmuşyň gözbaşydyr. Ony gorap saklamak we kämilleşdirmek her birimiziň mukaddes borjumyzdyr, sebäbi durnuklylyk bar ýerinde diňe bir şu gün däl, eýsem, ertirler hem röwşendir.

**Gurbanmyrat AŞYROW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
5-nji ýyl talyby.

26-njy maýda TDIM-de Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary M.Bäşimowanyň BMG-niň Taslamalara hyzmat etmek boýunça müdirliginiň (UNOPS) Awstriýadaky köp ýurtly edarasynyň direktory Simonetta Siligato bilen duşuşygy geçirildi.

# «MERKEZI AZIÝA +» FORMATY

Häzirki zaman dünýäsinde dowam edýän ýagdaýlar döwletlerden örän oýlanyşykly, deňagramly syýasaty alyp barmagy, şol bir wagtda-da halkara gatnaşyklar ulgamynda eýeleýän ornuny pugtalandyrmak arkaly ählumumy tagallalara işjeň gatnaşmagy talap edýär. Geçmişde Turan, Türküstan, Mawerannahr diýlip atlandyrylan Merkezi Aziýa bolsa öz geografik taýdan amatly ýerleşişi bilen, asyrlaryň dowamynda halklaryň arasynda parahatçylygy, ylalaşyklylygy üpjün etmäge goşant goşan sebit hökmünde tanalýar.

Bu ilkini nobatda Beýik Ýüpek ýolunyň möhüm çatrygynda ýerleşen biziň sebitimiziň Gündogar bilen Günbatary birleşdirýän köpri, Aziýa bilen Ýewropanyň «altyn halkasy» bolandygy bilen bagly. Şunlukda, ol siwilizasiýalaryň arasynda dialogy ýola goýmaga, ylym-bilim, özara alyşmalar arkaly medeniýetleri baýlaşdyrmaga ýardam beripdir. Hoşniýetli goňşuçylygyň, sebit hyzmatdaşlygynyň nusgalyk derejesini görkezýän Merkezi Aziýa «bäşligi» häzirki wagtda-da bu asylly we jogapkärli wezipäni üstünlikli ýerine ýetirýär. Şoňa görä, bu günki gün ähli ýollaryň bu sebite uzamagy, dünýäniň nazarynyň bize gönükmegi kanunalaýyk ýagdaýdyr.

Soňky ýyllarda Merkezi Aziýa gyzyklanmalaryň barha artýandygy äşgär hakykat. Muny biz sebit döwletleri bilen has ýakyn gatnaşyklary ýola goýmaga, bar bolan ägirt uly mümkinçiliklerden bilelikde peýdalanmaga, Aziýanyň ýüreginden Zeminiň çar künjegine ulag, energetika köprülerini çekmäge aýratyn ähmiýet berýän ýurtlaryň hatarynyň yzygiderli köpelýändiginiň mysalynda aýdyň görýäris.

Garaşsyz ösüş ýoluny saýlap alan Merkezi Aziýa döwletleri geçen taryhy döwürde ösüşiň durnukly görkezijilerini gazanyp, giň gerimli durmuş-ykdysady maksatnamalary amala aşyrýarlar. Halklarymyzyň jebisligi, agzybirligi netijesinde çäk bitewüligi üpjün edilip, özbaşdaklygyň, Garaşsyzlygyň binýatlaýyn esaslary pugtalandyryldy. Bu günki gün Merkezi Aziýa «bäşligi» halkara gatnaşyklarda-da eýeleýän ornunyny berkidip, öz sözi, öz ýüzi bilen dünýä çykýar, ýakyn-u-alysdaky ýurtlar bilen netijeli hyzmatdaşlygy barha ilerledýär.

Soňky ýyllarda Merkezi Aziýa «bäşligi» esasy hyzmatdaşlary — Hytaý Halk Respublikasy, Hindistan Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, Germaniýa Federatiw Respublikasy, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Koreýa Respublikasy, Ýaponiýa bilen «Merkezi Aziýa +» formatynda hyzmatdaşlyk etmegiň özboluşly guralyny kemala getirdi. Şeýle duşuşyklar Ýewropa Bileleşigi, Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşi bilen hem alnyp barlyp, olar özara gatnaşyklaryň aýry-aýry, has möhüm meseleleri boýunça içgin pikir alyşmaga mümkinçilik berýär. Diňe soňky iki ýylda Astanada, Sianda, Jiddada, Çolpon-Atada, Nýu-Ýorkda, Berlinde ýokary derejeli köptaraplaýyn gepleşikleriň geçirilendigini nygtamak gerek. «Merkezi Aziýa +» dialogyna bildirilýän bu gyzyklanmalar sebitiň dünýä syýasatyndaky agramynyň barha artýandygyna şaýatlyk edýär.

Aslynda, «Merkezi Aziýa +» dialogyny döretmek başlangyjynyň başyny başlan hem Ýaponiýadyr. Ol 20 ýyl mundan ozal — 2004-nji ýylyň awgustynda «Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» formatynda hereket edip başlap, köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekde we sebitiň gülläp ösüşine goşant goşmakda möhüm ädime öwrüldi. Şunda syýasy dialog, sebitara hyzmatdaşlyk, işewürligi ilerletmek, intellektual dialog, ynsanperwer alyşmalar özara gatnaşyklaryň bäş esasy sütüni hökmünde kesgitlenildi. Geçen iki onýyllygyň dowamynda Daşary işler ministrleriniň, ýokary wezipeli wekilleriň, işewürlik we ylmy toparlaryň derejesinde duşuşyklaryň ençemesi geçirilip, terrorçylyga garşy göreşmekden başlap, saglygy goraýyş ulgamyna çenli köp sanly bilelikdäki taslamalardyr maksatnamalar durmuşa geçirildi.

Biz geljekde-de «Merkezi Aziýa +» formatyndaky ýokary derejeli gepleşikleriň giň gerim alyp, ähli döwletler üçin bähbitli boljak çözgütleriň kabul ediljekdigine ynanýarys. Şeýle işleri amal etmekde bolsa Merkezi Aziýa döwletleriniň diplomatlaryna üstünlikleri arzuw edýäris.

**Aýperi AKMYRADOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

# Çekseň zähmet, ýagar rehnet

***Şu ýylyň 6-njy maýynda türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebi tarapyndan ýurdumyzyň daşary syýasaty we diplomatiýasy bilen ýakyndan gyzyklanýan mekdep okuwçylarynyň iň zehinlilerini ýüze çykarmak we olary höweslendirmek maksady bilen guralýan «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň V möwsümi üstünlikli jemlendi. Final oýnunyň netijelerine laýyklykda, Aşgabat şäheriniň daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 6-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Kerim Döwletow baş baýraga hem-de göçme kuboga mynasyp boldy. Biz hem gazetimiziň şu sanynda zehinli ýaş çaparyň ýürek buýsanjyny okyjylarymyza ýetirmegi makul bildik.***



***Kerim DÖWLETOW,***
***Aşgabat şäheriniň daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 6-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy:***

— Häzirki wagtda ýurdumyzda ýaş nesilleriň döwrebap bilim alyp, kämil şahsyýetler bolup ýetişmegi üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Biz hem şeýle aladalara jogap edip dürli bäsleşiklere gatnaşyp ýokary netijeler görkezýäris. Men okuwda, esasan, tebigy we ynsanperwer ugurly dersler bilen ýakyndan gyzyklanýaryn. «Çekseň zähmet, ýagar rehnet» diýlişi ýaly, 2024-nji ýylda mekdep okuwçylarynyň arasynda «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşigiň etrap tapgyrynda himiýa dersi boýunça 3-nji orna, 2025-nji ýylda bu ders bäsleşiginiň taryh ugry boýunça etrap tapgyrynda 3-nji, şäher tapgyrynda bolsa 2-nji orna mynasyp bolmak bagty miýesser etdi. Şol ýylda Russiýa Federasiýasynyň we Belarus Respublikasynyň bilelikde guran «Ýatlama otlusy» atly medeni-bilim çäresine gatnaşmagym meniň üçin ýatdan çykmajak wakalaryň biri boldy.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly hem meniň üçin üstünliklere beslenen ýyllaryň birine öwrüldi. Bu ýylda «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşigine taryh dersi boýunça gatnaşyp, etrap tapgyrynda 3-nji, şäher tapgyrynda bolsa 2-nji orny eýeledim. Şu ýylda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyndaky Ýaş diplomatlar mekdebi tarapyndan guralýan «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň «Garaşsyz we Bitarap Türkmenistan — parahatçylyk syýasatynyň hem-de özara ynanyşmak dialogynyň merkezi» atly umumy şygar astynda geçirilen V möwsüminiň jemleýji tapgyrynda baş baýraga we göçme kubogyna mynasyp boldum. Bu bäsleşik meniň okamaga, öwrenmäge bolan höwesimi, şeýle-de ýurdumyzyň daşary syýasatyna bolan gyzyklanmamy has-da artdyrdy.

Ýeri gelende bellesem, okuwymdan boş wagtlarym sportuň futbol, dzýudo, jiu-jitsu ýaly görnüşleri bilen meşgullanýaryn. Maňa 2023-nji ýylda dzýudo boýunça 2009-2010-njy ýyllarda doglan ýetginjekleriň arasynda geçirilen paýtagtymyzdaky 1-nji sport mekdebiniň açyk birinjiliginde 3-nji orny eýelemek hem miýesser etdi.

Biz — ýaşlaryň okap, öwrenip, giň dünýägaraýyşly, kämil şahsyýetler bolup ýetişmegimiz üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Ýazga geçiren Orazjemal ÇARYÝAROWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
3-nji ýyl talyby.
«Ýaş diplomatyň sesi».

# SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGESI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ilatynyň saglygyny has-da gowulandyrmak we beden işjeňliginde döreýän ýokanç däl keselleri azaltmak, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini giňden ornaşdyrmak, adam ömrüniň ortaça dowamlylygyny artdyrmak maksady bilen, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzda giň gerimli işler alnyp barylýar. Şundan ugur alyp, häzirki döwürde ata Watanymyzda sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermek, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak sagdynlygyň hem-de bagtyýarlygyň gözbaşyna öwrülýär.

Ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmek, jemgyýetimizde bedenterbiýe hem-de sport bilen yzygiderli meşgullanmagy wagyz etmek boýunça öňe sürülen başlangyçlar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Geçen 2025-nji ýylda «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmeginiň 30 ýyllygy bellenip geçildi. Şanly senä bagyşlanyp, tutuş Diýarymyzda maslahatlar, paýtagtymyzyň we Arkadag şäheriniň saglyk merkezlerinde, welaýatlarda dabaraly çäreler geçirildi. Çäreleriň dowamynda saglygy goraýyş ulgamynda köp ýyllap halal zähmet çekip, tapawutlanan lukmanlara we hünärmenlere Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan sowgatlar gowşuryldy. Bu bolsa asuda ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berjaý edilmegine uly ähmiýet berilýändigini alamatydyr.

Türkmenistanda «Saglyk» Döwlet maksatnamasy 1995-nji ýylda ilkinji gezek, 2015-nji ýylda bolsa rejelenen görnüşde kabul edildi. Türkmenistanda «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň esasy maksady ilatyň saglygyny gowulandyrmak, sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak üçin «Il saglygy — ýurt baýlygy» şygary bilen çäreler geçirmek we sagdyn jemgyýeti döretmekdir. Bu maksatnama ýokanç däl keselleriň öňüni almagy, bedenterbiýäni we sagdyn durmuşy wagyz etmegi, saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmegi öz içine alýar. Maksatnama ýurtda sagdyn jemgyýetiň döredilmegine gönükdirilendir.

***Bütindünýä saglyk güni***

Bu günüň taryhy öz gözbaşyny 1948-nji ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň Tertipnamasynyň güýje girizilen gününden alyp gaýdýar. Şondan köp wagt geçmän, şol ýylyň 22-nji iýulynda Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň konstitusiýasy tassyklanýar. Şondan iki ýyl soňra, 1950-nji ýylyň 7-nji aprelinden bäri Bütindünýä saglyk güni halkara derejesinde bellenilip gelinýär. Türkmenistan 1992-nji ýylyň 2-nji iýulynda Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň agzasy boldy.

Häzirki döwürde Diýarymyzda çagalar baglarynda terbiýe alýan nesiller, orta mekdepleriň okuwçylary we ýokary okuw mekdepleriň talyplary, dürli pudaklaryň işgärleri arassaçylyk kadalarynyň berjaý edilmeginiň düzgünleri bilen yzygiderli tanyşdyrylýar. Şeýle hem ähli merkezi we welaýat gazetlerinde «Saglyk» Döwlet maksatnamasy hereketde» atly sahypalar çap edilýär, olarda Milli Liderimiziň kitaplaryndan saglyk baradaky jümleler, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň gazananlary, bu ulgamda halkara hyzmatdaşlygy baradaky makalalar, lukmanlaryň ýokanç hem-de ýokanç däl keselleriň öňüni almak boýunça maslahatlary (sagdyn iýmitlenmek, beden işjeňligi, suw içmegiň kadalary, lukmançylyk gözegçilikleri, zyýanly endiklerden ýüz döndermek, temmäki tüssesiniň zyýany we beýlekiler) çap edilýär.

Döwlet Baştutanymyzyň welosipedli yzygiderli gezelenç etmegi ýaşlar üçin nusgalyk bolmak bilen, tutuş dünýäde meşhurlykdan peýdalanýan hem-de ekologik taýdan arassa bolan welosiped sportuny ýurdumyzda ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri açýar. Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyz köpçülikleýin welosipedli ýörişleri geçirmek boýunça ajaýyp we asylly däbiň başyny başlady. Bu başlangyç watandaşlarymyzyň giň goldawyna eýe bolup, olar ýurdumyzda yzygiderli guralýan giň gerimli sport çärelerine uly höwes bilen gatnaşýarlar. Şol çäreler adamlaryň saglygyny berkitmäge, raýatlarda daşky gurşawa aýawly garamak duýgusyny kemala getirmäge ýardam edýär. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasy bilen döredilen Bütindünýä welosiped güni her ýylyň 3-nji iýunynda giňden bellenilýär.

Bu gün dünýämizde sportuň ösüşi täze derejä çykdy. Türkmen türgenleri iri halkara ýaryşlara işjeň gatnaşyp, ýokary netijeleri gazanýarlar. Munuň özi Türkmenistanyň dünýäniň sport giňişligindäki ornuny has-da pugtalandyrmaga ýardam edýär.

**Artyk BEGENJOW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

27-nji maýda BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň ýokary derejeli açyk pikir alyşmalarynyň çäklerinde Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Kuba Respublikasynyň Daşary işler ministri Bruno Rodriges Parrilýanyň arasynda duşuşyk geçirildi.

# Depderimdäki ýazgylardan



Adamzat taryhynyň sahypalaryna ser salsak, her bir halkyň öz ruhy kalbynyň we mertebesiniň simwoly bardyr. Türkmen halky üçin bolsa bu mukaddeslik topragyň goýnundan süzülip gelýän şemalda, daglaryň dumanly başynda we asylly bedewleriň kişňeýşinde jemlenendir. Biziň mirasymyz diňe bir taryh däl, eýsem, şu günümizi aýdyň edýän we geljegimize ýol görkezýän egsilmez bir hazynadyr.

Gözelligiň we güýjüň nyşany diýlende, ilki bilen dünýäni haýran edýän ahalteke bedewleri göz öňüňe gelýär. Olaryň syratyndaky nepislik, gözlerindäki paýhas we ýüwrüklik diňe bir tebigatyň gudraty däl, eýsem, türkmen seýisleriniň müňýyllyk tejribeleri, siňdiren mähir-muhabbetidir, sabyr-takadynyň we söýgüsiniň miwesidir. Bedew atlarymyz biziň ylhamymyz, mertebämiz we wepalylyk mekdebimizdir. Bedewiň şanyna düşen her bir taryp, aslynda, türkmen halkynyň belent ruhuna goýulýan hormatdyr.

Daglarymyzyň gerişlerinden, jülgelerinden öwüsýän şemal, bize pederlerimiziň wesýetlerini pyşyrdaýan ýalydyr. Sähra şemaly bolsa erkinligiň, giň göwünliligiň we sarsmaz erkiň nyşanydyr. Biz bu toprakda dörän her bir nepis haly gölünde, her bir dutar owazynda şol şemalyň we topragyň sesini eşidýäris. Tebigat bilen sazlaşykda ýaşamak, sähranyň söz ýetmez sazlaşygyndan nusga almak biziň milli häsiýetimiziň özeni bolup durýar.

Eger-de durmuşy bir kerwen diýip hasap etsek, bu kerweniň iň asylly ýoldaşy, şübhesiz, atlardyr. Türkmen medeniýetinde at diňe bir ulag hökmünde ulanylýan jandar däl-de, eýsem maşgalanyň bir agzasy, sähra ýeli we «ömür kerweniniň» iň çalt ýolagçysydyr.

Türkmenler taryhy boýunça öz atlaryna dosty ýaly garap, olary gowy arzuwlar bilen ösdüripdirler we «At — myrat» diýen ynanç bilen sarpasyny belent tutupdyrlar. Esasanam, Ahalteke atlarynyň ýüpek ýaly lowurdysy we näzik durşy türkmen halkynyň häsiýetindäki asyllylygyň we durnuklylygyň nyşanydyr. Atalar sözümizde «Ertir turda ataňy gör, atańdan soň — atyňy» diýen aýtgy bilen hem olaryň gymmaty beýan edilýär.

**Züleýha GAÝGYSYZOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

# HAÝSY KITAP GOWY

Şäheriň iň gohly köçeleriniň birinde, adaty binalaryň arasynda ýerleşýän kiçijik, emma özboluşly bir kitaphanany gördüm. Içine giren pursadym, daşarky dünýäniň goh-galmagaly birden kesildi. Bu ýerde diňe kagyzlaryň özüne mahsus ysy we sahypalaryň çalaja şygyrdysy bardy.

Burçdaky köneje stoluň başynda oturan garry kitaphanaçy maňa garap ýylgyrdy. Onuň gözlerinde diňe köp okan adamlara mahsus bolan bir pähimlilik bardy. Ol maňa «Kitap — bu diňe bir maglumat däl, ol başga bir ynsanyň ruhuna barýan ýola gurlan köprüdir» diýdi.



Hakykatdan hem şeýle. Biz bir otagda oturan ýerimizde, asyrlaryň we ýüzlerçe kilometrleriň aňyrsyndaky wakalaryň şaýady bolýarys. Bir gahrymanyň hasratyna aglap, begenjine şatlananymyzda, biz diňe bir okyjy däl, eýsem, has mähirli we düşbi ynsanlara öwrülýäris. Käte ýazyjynyň bir sözi biziň ýyllarboýy aýdyp bilmedik içki gussamyzy ýa-da umydymyzy beýan edýär.

Men elimdäki kitaby gujaklap, çykalga tarap ugradym, ýöne bir zat meni saklaýan ýalydy. Yzyma öwrülip, garry kitaphanaçynyň ýene-de öňki ýerinde, bir zatlar okaýanyny gördüm. Onuň ýanyna baryp:

— Siziň pikiriňizçe, haýsy kitap iň gowusy? — diýip soradym.

Ol äýnegini çalaja aşak düşürip, maňa mähir bilen seretdi.

— Iň gowy kitap, bu seniň hut şu wagtky kalbyň sowalyna jogap berýän kitapdyr — diýip, ýuwaşja pyşyrdady. Onuň bu sözi meniň aňymda täze bir gapyny açdy.

Şol gün men kitaphanadan çykanymda, elimde bir kitap, kalbymda bolsa, täze bir dünýä bardy. Daşardaky şäher öňküsi ýaly gohludy, ýöne indi meniň içimdäki dünýä has asudady. Çünki men her bir sahypanyň täze bir gapydygyna, her bir gapynyň bolsa täze bir ynsana açylýandygyna göz ýetirdim.

Hakykatdan hem edebiýat diňe bir hekaýat däl, eýsem, biz Magtymguly Pyragyny okanymyzda, XVIII asyryň sähralarynyň owazyny we halkyň arzuw-hyýallaryny öz içimizde duýýarys.

Ýazyjylaryň pelsepesi bizi bize mahsus bolmadyk dünýälere äkidip, adamzadyň mümkinçilikleriniň çäksizdigini görkezýär. Käwagt durmuşyň agyr pursatlarynda, ýekeje goşgy setiri ýa-da bir gahrymanyň dözümliligi täze güýç bilen bizi aýaga galmaga iterip bilýär.

Kitaphanadan uzaklaşdygym saýyn, şäheriň sesi maňa indi öňküsi ýaly boş we manysyz görünmeýärdi. Her bir adamyň, her bir binanyň aňyrsynda bir durmuş hekaýasynyň bardygyna düşünip ugradym we kalbymda olara bolan bilesigelijilik artyp başlady. Biz hemmämiz öz ömür kitabymyzy ýazýan ýazyjylardyrys. Emma şol kitabyň manyly we owadan bolmagy üçin, başga-da müňlerçe kitabyň tejribesinden peýdalanmagymyz zerur.

**Mähri NURYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

# ÇEPER EDEBIÝAT– YNSAN HAKYDASY

Edebiýat diňe bir kitap däl-de, ol ynsanyň içki dünýäsiniň aýnasy, geçmişiň we geljegiň sesidir. Biz diňe bir okan setirlerimizi däl, eýsem, şol setirleriň arkasynda ýatan pähim-paýhasy, taryhy tejribäni we kalbymyzyň iň bärki künjeklerindäki duýgulary göz öňünde tutýarys.

Her bir halkyň milli hakydasy onuň edebi mirasynda saklanýar. Biziň üçin «Görogly» şadessany, Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhasy diňe bir edebiýat däl, eýsem, biziň kimdigimizi ýatladýan ruhy namamyzdyr.

Taryhy romanlary okanymyzda, biz pederlerimiziň galdyran mirasynyň hakyky eýesidigimizi duýýarys. Eserlerdäki gahrymanlaryň ykbaly arkaly biz ýagşy bilen ýamany seljermegi öwrenýäris. Çeper eser okanymyzda, biz özümizi başga bir dünýäde tapýarys. Ýazyjy öz hyýalyny kagyza geçirse-de, okyjy ony öz hakydasyndaky tejribeler bilen baýlaşdyrýar. Şeýlelikde duýgudaşlyk bilen, başga biriniň çekýän hasratyny ýa-da begenjini öz hakydamyzda direldýäris.

Söz baýlygy, dil hakydanyň guralydyr. Edebiýat biziň pikirlenme ukybymyzy we sözleýşimizi kemala getirýär. Kitap



okamaýan adamyň ýady diňe öz ömri bilen çäklenýär, kitap okaýan bolsa müňlerçe ömri öz hakydasynda ýaşaýar.

**Geldimyrat TAGYÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.




# SÖÝMÄGE GYSSAN!

(Romandan bölek)

**NIKOLAS SPARKS, AMERIKAN ÝAZYJYSY.**

Mekdepden soň men Demirgazyk Karolinanyň Çeýpl-Hilldäki uniwersitetine okuwa girmegi maksat edinýärdim. Kakam beýleki kongresmenleriň ogullary ýaly meniň Garward ýa-da Prinston uniwersitetine girmegimi isleýärdi, ýöne meniň bahalarym bilen bu mümkin däldi. Gowy okamaýardym diýjek däl, ýöne okuwa aýratyn üns berip baramokdym we «Plýuş ligasynyň» uniwersitetleriniň birine girmek üçin ýeterlik ýokary bal alyp bilmeýärdim. Soňky synpdakam men henizem Demirgazyk Karolina uniwersitetine kabul edilip edilmejekdigime doly ynanmaýardym, ýöne kakam ol ýerde okapdy we ol käbir ýakyn aragatnaşyklaryny ulanyp biljekdi. Ýekşenbe güni öýe gelende, agşamlyk naharynda kakam maňa öz etsem-goýsamlaryny beýan etdi.

— Meniň pikirimçe, sen mekdep ekabyrlygyna dalaşgär bolmaly. Mekdebi gutaranyňda bu seniň şahsy iş kagyzlaryňda gowy görner. Ýeri gelende aýtsam, ejeň hem meniň bilen ylalaşýar — diýdi.

Eger kakam şeýle äheňde gürlese, meseläniň çözülendigini bilýärdim. Meniň maşgalamda düzgün şeýle. Onuň sözi – kanun. Hakykatdanam, men islemesemem, razylaşdym. Kolleje girmek üçin men elimden gelenini etmeli boldum. Ne futbol, ne basketbol, ne küşt, ne bouling oýnaýardym, ne saz çalýardym, ne-de aýratyn bir üşügim bilen tapawutlanýardym.

Ertesi irden men direktoryň kabinetine girip, adymy dalaşgärleriň sanawyna ýazdym. Menden başga-da, saýlaw ýaryşyna ýene iki dalaşgär gatnaşýardy. Jon Forman we Meggi Braun. Jonyň mümkinçiligi ýokdy, men muny anyk bilýärdim. Bu dalaşgär gürleşýänleriniň iliklerini goparara gelýärdi. Emma ol gowy okaýardy. Ol öň hatarda oturýardy we mugallym her gezek sorag berende elini galdyrýardy. Eger ony çagyrsalar, Jon hemişe diýen ýaly dogry jogap berýärdi we özüniň intellektual artykmaçlygyny görkezýän ýaly, özünden göwni hoş ýylgyryş bilen daş-töweregine seredýärdi.

Meggi Braun hakda başga bir gürrüň. Ol hem gowy okaýardy, üç ýyllap mekdep geňeşiniň agzasy, bir ýyl bolsa synp ekabyry bolupdy. Ýekeje kemçiligi, ol görmegeý däldi we tomusda ýigrimi funt semräpdi. Men hiç bir ýigidiň oňa ses bermejekdigini bilýärdim.

Ýagdaýy seljerip, meniň entek hem mümkinçiligimiň bardygyna düşündim. Geljek töwekgelçilik astyndady, şonuň üçin bir meýilnama düzüldi. Dostum Erik dessine kömek etmäge razy boldy.

Şeýlelikde, men köp ses alyp, saýlandym.

Mekdep baly ýakynlaşýardy. Mekdep geňeşiniň ähli agzalary bala hökmany ýagdaýda gatnaşmalydy: olar sport zalyny bezemäge we ertesi ir bilen ýygnamaga kömek edýärdiler. Üstesine-de, adatça, bu hakykatdan-da gowy dabaraly oturylyşyk bolýardy. Men birnäçe tanyş gyza jaň etdim, ýöne olar eýýäm çagyrylypdylar. Men tä Jeými Salliwanyň suraty çykýança ýyllyk kitabyň sahypalaryny agdaryşdyryp otyrdym, bir sekunt saklandym we soň sahypany agdardym, şeýle manysyz pikirim üçin özümi ýazgardym. Indiki bir sagadyň dowamynda men iň bolmanda biraz özüne çekiji bolan gyzlaryň suratlaryna seredip çykdym, soň bolsa başga hiç hili alajymyň ýokdugyna düşündim. Şonda men ýene Jeýminiň suratyna dolanyp geldim we oňa has ünsli seretdim. Men öz-özüme onuň gaty sypaýy we örän mähirlidigini aýtdym. Ähtimal, ol razylaşar...

Men ýyllyk kitaby şarpyldadyp ýapdym. Jeými Salliwan? Hegbertiň gyzymy? Mümkin däl. Daş-töwerekdäkiler meniň üstümden gülüp, meni masgara ederler.

Başga bir çözgüt. Bala ejem bilen gitmek ýa-da Kerri Dennison bilen söhbetdeş bolmak.

Men agşam galan wagtymy ähli «bolýar» we «bolanok» jogaplaryny saldarlamak bilen geçirdim. Uzak wagtlap ikirjiňlendim, ýöne netijede anyk jogaba geldim. Jeýmini tans etmäge çagyrmaly boldum. Gaýratym barka, irden onuň bilen gürleşmekçidim, ýöne Jeými mekdebe gelmedi. Men onuň adatça bolşy ýaly, ýetimler öýünde işleýändigini çakladym.

***(Dowamy bar).***

**Rus dilinden terjime eden**
**Maýsa AŞYROWA,**
Halkara žurnalistikasy
fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.

28-nji maýda Nýu-Ýorkda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň Başlygy Annalena Berbok bilen duşuşygy geçirildi.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

*Baş redaktor*
***Jumaberdi ARTYKOW***

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *A.Ýazweliýew, Y.Hallyýew.*
***Jogapkär kätip:*** *O.Çaryýarowa.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *A.Begenjow.*
***Bölüm müdiri:*** *B.Baýhanow.*
***Edebi işgärler:*** *Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjiýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.*
***Korrektorlar:*** *O.Geldiýewa, S.Çaryýew.*
***Fotohabarçy:*** *T.Gurbandurdyýew.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, B.Gylyçmyradow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, D.Ballyýewa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.*

***Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.***

***E-mail:***
***hgi.redaksiya@gmail.com***